**Merkezi Aziýada raýatsyzlygyň soňuna çykmak hakynda**
**Aşgabat Jarnamasy**

*2024-nji ýylyň 8-nji noýabrynda kabul edilen*

Biz, Merkezi Aziýa döwletleriniň - Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgy Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň, Türkmenistanyň we Özbegistan Respublikasynyň wekiliýetleriniň ýolbaşçylary 2024-nji ýylyň 8-nji noýabrynda raýatsyzlyk meseleleri boýunça Merkezi Aziýanyň ministrler derejesindäki maslahaty üçin Türkmenistanyň Aşgabat şäherine ýygnandyk. 2024-nji ýylyň oktýabrynda BMG-niň Bosgunlaryň işi baradaky Ýokary komissary F.Grandiniň başgalar bilen bir hatarda, ähli mälim bolan raýatsyzlyk ýagdaýlaryny çözmekde Türkmenistanyň we Gyrgyzystan Respublikasynyň taryhy üstünliklerini belläp geçýän çykyşlaryna salgylanmak bilen, we sebitiň #IBelong kampaniýasynyň maksatlaryny öňe sürmekdäki goşandyny bellemek bilen, Biz özümiziň raýatsyzlygyň soňuna çykmak boýunça Global wezipä ygrarlydygymyzy tassyklaýarys.

## Üstünlikleri ykrar etmek

### 1. Raýatsyzlygy ýok etmekde sebit ýolbaşçylygy

Merkezi Aziýa 2014-nji ýyldan bäri sebitde raýatsyzlyk ýagdaýlarynynyň 200 000 gowragyny bilelikde çözmek bilen, ähliumumy #Ibelong kampaniýasynyň  çäklerinde görnükli netijeleri görkezdi. Dünýäde raýatsyzlyk ýagdaýlarynyň çözülen umumy sanynyň üçden biri Sebitiň ýurtlaryna düşmek bilen, bu Sebit beýleki sebitlere nusga bolup durýar:

a) **Gazagystan Respublikasy** raýatsyzlygy kesgitlemegiň ýörite milli tertibini kabul etmek bilen, 1954-nji ýyldaky “Raýatlygy bolmadyk adamlaryň statusy hakynda” Konwensiýanyň möhüm ýörelgeleriniň birini durmuşa geçirdi we iki sany milli kampaniýa geçirmegiň netijesinde 30 000 sany raýatlygy bolmadyk adam hasaba alyndy, olardan 15 000 adam Gazagystan Respublikasynyň raýatlygyna kabul edildi. 2019-njy ýylda Bosgunlar boýunça Ähliumumy forumyň

barşynda Gazagystan şahsyýetini tassyklaýan resminamasy bolmadyk adamlaryň çagalaryna dogluş hakynda şahadatnamalaryny bermek boýunça meýletin borçnamalary öz üstüne aldy we ýerine ýetirdi.

b) **Gyrgyz Respublikasy** - Çaga dogluşlaryny hemmetaraplaýyn hasaba almagy we öz kanunçylygyny halkara standartlara laýyk getirmek bilen, dünýäde ähli mälim bolan raýatsyzlyk wakalaryny çözen ilkinji ýurt boldy.

c) **Täjigistan Respublikasy** - öz kanunçylygyna düýpgöter üýtgetmeleri girizdi, şol sanda uzakmöhletleýin raýatsyz bolup galmakdan halas edýän we raýatlygy bolmadyk adamlara öz statusyny kanunylaşdyrmaga mümkinçilik döredýän "Wagtlaýyn amnistiýa hakynda" Kanuny kabul etdi.

d) **Türkmenistan** - Merkezi Aziýa sebitinde Raýatsyzlyk hakynda BMG-nyň iki sany Konwensiýalaryna şertsiz goşulan ilkinji döwlet bolmak bilen, raýatlygy bolmadyk adamlaryň statusyny kesgitlemek boýunça täze düzgünleri kabul edip we çaga dogluşlarynyň 100% hasaba alynmagyny üpjün edip, 32 000 gowrak raýatlygy bolmadyk adamlara raýatlyk berip, raýatsyzlygyň belli bolan ähli ýagdaýlaryny düýbinden aradan aýyrdy we Global Bileleşige goşulmak bilen raýatsyzlygyň soňuna çykmak boýunça sebit we global tagallalaryň lideri boldy.

e) **Özbegistan Respublikasy** - iri möçberli reformalary kabul edip, şol sanda 2020-nji ýylda kanunçylyga üýtgetmeleri girizmek bilen, 60 000 gowrak raýatlygy bolmadyk adamlara raýatlyk almaga esas döretdi we şunlykda raýatsyzlyk derejesini ep-esli pese düşürdi.

Toplumlaýyn hereketler we kanunçylyk reformalaryň kömegi bilen, raýatsyzlyk meseleleriniň öňüni almakda, azaltmakda we düýbinden çözmekde Merkezi Aziýanyň görkezýän üstünlikleri, onuň dünýä derejesinde bu meselelerde liderligi aýdyň görkezýär.

## 2. Raýatlygy ýok etmek boýunça Global Bileleşige ygrarlylyk

#IBelong kampaniýasynyň tamamlanmagy bilen, biz raýatsyzlygy ýok etmek boýunça Global Bileleşige goşulmak mümkinçiligini ara alyp maslahatlaşarys. Merkezi Aziýa bu global platformadaky elýeter

çeşmelerden we mümkinçiliklerden peýdalanmagy dowam etdirip, beýleki sebitler bilen tejribe alyşmaga taýýar.

## Merkezi Aziýa üçin strategiki gözýetim

Öňe gidişligi goldamak we berkitmek üçin biz aşakdaky strategiki çäreleri tassyklaýarys we Merkezi Aziýanyň ähli döwletleriniň tagallalaryny aşakdaky ugurlara gönükdirmäge çagyrýarys:

### 1. Raýatsyzlygy kesgitlemegiň proseduralaryny döwrebaplaşdyrmak

Biz sebitdäki raýatsyzlygy kesgitlemegiň proseduralaryny mundan beýläk hem gowulandyrmagy we bitewileşdirmegi meýilleşdirýäris. Bu gowulaşmalar halkara standartlaryň berjaý edilmegini üpjün etmek we ilatyň ejiz toparlaryna aýratyn üns bermek bilen hemmeler üçin raýatlyk hukugyny aňsatlaşdyrmaga gönükdiriler.

### 2. Daşary ýurtda raýatlygy tassyklamak prosesini çaltlaşdyrmak

Biz ýurtlaryň arasynda raýatlygy tassyklamak işini çaltlaşdyrmak üçin Merkezi Aziýa ýurtlaryna bilelikde işlemegi teklip edýäris. Käbir kategoriýalardaky adamlar üçin raýatlyk statusyny tassyklamakdaky häzirki kynçylyklary göz öňünde tutup, meseleleriň çözülmegine päsgel berýän administratiw gijikdirmeleri azaltmak üçin dessin tassyklama üçin teswirnamalary döretmegi ara alyp maslahatlaşmak möhümdir.

### 3. Raýatsyzlygyň galan ýagdaýlaryny azaltmak

Biz Merkezi Aziýanyň her bir ýurdunda raýatsyzlygyň galan ýagdaýlaryny çözmek we azaltmak boýunça alnyp barylýan tagallalara ygrarlydyrys. Milli we sebitleýin hereket meýilnamalarynyň bu ileri tutulýan ugurlara laýyklykda täzelenmegini we raýatsyzlygy azaltmak üçin anyk, ýetip boljak maksatlary kesgitlemegi maslahat berýäris.

### 4. Sebitleýin hyzmatdaşlygy öňe sürmek we öňdebaryjy tejribäni alyşmak

Üstünliklerimizi nazara almak bilen, biz yzygiderli sebitleýin duşuşyklary geçirmegi, hyzmatdaşlygy ýokarlandyrmagy we öňdebaryjy tejribäni paýlaşmagy maslahat berýäris. Bu yzygiderli çäreler köpçülikleýin mümkinçilikleri ýokarlandyrmagy, innowasion çemeleşmeleri we raýatsyzlygy ýok etmek meselesini çözmek boýunça milli we sebit meýilnamalaryny berkitmegi goldaw berer.

**5. Maglumat ýygnamagy we aç-açanlygy berkitmek**

Biz raýatsyzlyk baradaky maglumatlary ýygnamagy, seljermegi we ýaýratmagy gowulandyrmagyň zerurdygyny belleýäris. Elýeterli, hemmetaraplaýyn maglumatlar syýasatçylara has netijeli çözgütleri işläp düzmäge we Merkezi Aziýada raýatsyzlygy ýok etmek meselesinde aç-açanlygy we hasabatlylygy ýokarlandyrmaga mümkinçilik berer.

**6. Milli kanunçylygy halkara standartlaryna we konwensiýalaryna laýyk getirmek**

Biz BMG-niň raýatsyzlyk baradaky konwensiýalaryna goşulmak we 1954-nji we 1961-nji ýyllardaky raýatsyzlyk baradaky konwensiýalara laýyklykda milli kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça işleriň möhümdigini tassyklaýarys. Şeýlelik bilen, biz raýatsyzlygyň geljekki ýagdaýlarynyň öňüni almaga we ähliumumy adam hukuklaryna bolan ygrarlylygymyzy berkitmäge çalyşýarys.

**7. Ähli çagalar üçin dogluşy we hukuk statusyny hasaba almagy goldamak**

Biz Merkezi Aziýada doglan her bir çaganyň öz wagtynda hasaba alynmagyny üpjün edýän syýasatlary goldaýarys. Ähliumumy hasaba alynmagy gazanmak maksady bilen çaga dogluşyny hasaba almakdaky kanuny, administratiw we sosial päsgelçilikleri aradan aýyrmak üçin işlemek möhümdir.

**8. Raýatlygy bolmadyk adamlaryň milli ulgamlara uýgunlaşmagy**

Biz raýatlygy bolmadyk adamlaryň esasy hukuklara we dürli hyzmatlara, şol sanda saglygy goraýyş, bilim we durmuş hyzmatlaryna elýeterliligini üpjün edýän syýasatlaryň kabul edilmegine çagyrýarys. Saglygy goraýyş, bilim we durmuş hyzmatlaryny öz içine alýan we deň hukukly elýeterliligi üpjün etmek bilen, raýatlygy bolmadyk şahslary milli ulgamlara integrirlemek zerurdyr.

## Durnukly ösüş we raýatsyzlygy ýok etmek maksatlaryna ygrarlylyk

Raýatsyzlygy ýok etmek Durnukly Ösüş maksatlaryna ýetmek üçin möhümdir, hususan hem, parahatçylykly, adalatly we öz içine alýan jemgyýetler boýunça DÖM 16 we deňsizligi azaltmak boýunça DÖM 10 maksatlaryna ýetmek üçin wajyp ähmiýete eýedir. Biz 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň çäklerinde raýatsyzlyk meselelerini çözmek boýunça tagallalarymyzy berkitmek bilen “hiç bir adamy çetde goýmazlygy” tassyklaýarys.

## Geljege garaýyş

Ýurtlaryň wekiliýetleri Merkezi Aziýada raýatsyzlygy ýok etmek boýunça bilelikdäki we aýry-aýry tagallalaryny dowam etdirmäge, Raýatsyzlygy ýok etmek boýunça Global Bileleşige goşulmagyň mümkinçiliklerine seretmek we sebitdäki raýatlyk berlen her bir adamyň howpsuzlyk we artykmaçlyk mümkinçiliklerinden peýdalanyp biljek geljegi öňe sürmek meýilleri hakynda beýan etdiler.